# Obamyñ dagyna!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Obamyñ dagyna! OBAMYÑ DAGYNA!




Seredip doýmadym Nohur dagyna,
Ýagyşly, ümürli, tozly daglarym.
Ömri uzap gidýär Nuh eýýamyna,
Arçaly, kerkawly, buzly daglarym.
Ene mähri bilen garaýan ýaly,
Emaý bilen başyñ daraýan ýaly,
Arşa sary uzap, ýöreýän ýaly,
Külter-külter ýolly, yzly daglarym.

Gujak gerdim gaýasyna, da:şyna,
Her gidemde ýaş goşulýar ýaşyma,
Dolap ýene ýaşlygymyñ nagşyna,
Keýpimi kökledi bazly daglarym.

Ene süýdüne taý mähir süýdüñ bar,
Nirä gitsem ýene saña gaýdym bar,
Goýnuñda müñ dessan, milýon aýdym bar,
Tükenmez nagmaly, sazly daglarym.

Senden çykan ýene saña gelmese,
Namart bolar ýatlamasa, bilmese.
Gelip, dyza çöküp salam bermese,
Seredersiñ, bagry közli, daglarym.

Dagda jemlenipdir pelsepäñ çyny,
Daglaryñ syrynyñ ýok öñi, soñy.
Bagryña ömürlik siñmeli güni,
Geler, perzentleñ ak biýzli, daglarym.

Gudratyña başym egýän mydama,
Geçen günler ýaş getirdi didäme.
Ilogly aýdar, güýç-gujursyñ adama,
Pyragydan gaýdýan sözli daglarym.

Ilogly NURYÝEW. Goşgular